# Mähremlikden nyşan sen…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mähremlikden nyşan sen… MÄHREMLIKDEN NYŞAN SEN…




*Gülälek Akmyradowa*
Goşgy ýazmak indi moda bolupdyr,
Ýaňlanyp dur garry-juwan dilinde.
Menem saňa bagyşlajak bir goşgy,
Şahyrlaryň, şygyrlaryň bolunda.

Aldanylýan döwür birek-biregi,
Gahrymany etjek seni goşgymyň.
Tämiz sözüň adamlara jan berýär,
Pyragydan galan nepis goşgumyň?

Dost dosty, rast rasty jowradan wagty,
Murgaply gyz, kalbymyzda tarypyň.
Bir çemen bogasym geldi şygyrdan,
Äpberipler goşgy ýazyş galypyn.

Bir bikemal hopbasynda atanyñ,
Çekip ýörkäk göripligiñ ezýetin.
«Körleriñ, kerleriñ» il agysyna,
Görýän wagty ýalan sözüñ «lezzetin».

Şu goşgyny bagyşladym Gülälek,
Megerem sen mähremligiñ nyşany.
Dankoñ ýüregi deý ýüregiñ alyp,
Demiñ bilen ýyladypsyñ üşäni.

Hakykatyñ gapysynda dik durup,
Haýyr gözläp, kowup ýörsüñ şeri sen.
Erkek kişileriñ lagşan mahaly,
Durmuş atly sahnañ režissýory sen.

10.03.2024 ý. Goşgular